**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda çykaran 13002-nji karary bilen tassyklandy**

# Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde goşmaça hak bellemegiň we tölemegiň TERTIBI

1. Şu Tertip Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda işlenip taýýarlandy hem-de aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde işleýänleriň tarif stawkasyna (aýlygyna) goşmaça haky bellemegiň we tölemegiň tertibini kesgitleýär.
2. Şu Tertipde ulanylýan adalgalar we düşünjeler Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde kesgitlenen manylarda ulanylýar.
3. Şu Tertip guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edaralar, kärhanalar we guramalar, şol sanda daşary ýurtlaryň edara görnüşli taraplary, olaryň şahamçalary, wekillikleri, şeýle hem edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýanlar (mundan beýläk – iş beriji) tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir.
4. Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde işleýänleriň tarif stawkasyna (aýlygyna) goşmaça hak işleriň zyýanlylyk we agyrlyk derejelerine baglylykda 2 (iki), 4 (dört), 6 (alty), 8 (sekiz), 10 (on) we 12 (on iki) göterim möçberlerde bellenýär.
5. Aýratyn zähmet şertleri bolan işleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kesgitlenýär.
6. Şu Tertibiň 4-nji bölüminde görkezilen aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde işleýänleriň tarif stawkasyna (aýlygyna) goşmaça hakyň möçberleri bilen bilelikde zähmet şertlerini gowulandyrmak boýunça çäreler hem köpçülikleýin şertnama girizilýär.
7. Goşmaça hak diňe aýyň dowamynda aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde hakyky işlenen günler üçin tölenýär.

8. Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde bellenýän goşmaça hak öwezini dolma tölegi hasaplanýar we ol rugsadyň töleginiň, wagtlaýyn zähmet ukypsyzlygy boýunça döwlet kömek pulunyň hem-de beýleki tölegleriň möçberleri hasaplananda ortaça zähmet hakynyň hasaplamasyna goşulýar.